ASTRA köprüsi işleriň gidýän ýerine eltilýän we bir gijede gurnalýan birnäçe bölekden ybarat. Bu gurnamany ulaglaryň hereketine kän päsgel bermezden çalt ýerleşdirip bolýar. ASTRA köprüsiniň kömegi bilen iş günüň islendik wagty, şol sanda erbet howa şertlerinde hem amala aşyrylyp bilner – gurluşykçylar we täze asfalt ýagyşdan we gardan goralýar. Köpriniň uzynlygy 257 metr we ini 7,57 metr bolup, bu sagatda 60 km-e çenli tizlikde iki zolakly hereketi ýola goýmaga mümkinçilik berýär.



Işçiler köprini gurandan soň, hereketi düzgünleşdirmäge ünsi sowmazdan, ýoly abatlamaga girişip bilerler. Mundan başga-da, köpriniň 4,65 metr beýikligi ýoluň aşagynda işlemek üçin ýeterlik giňişlik berýär.
2022-nji ýylda ASTRA köprüsi üstünlikli synagdan geçirildi, ýöne gurnamany  doly işlemek gerek boldy. Hususan-da, sürüjiler üçin hereketi has amatly edip, köteli 6% -den 1,25% -e çenli peselden panduslar goşuldy.

Все права защищены



Все права защищены



***Şweýsariýanyň Federal ýol müdirligi ASTRA atly täze modully ykjam geçelgäni döretdi. New Atlas-yň ýazmagyna görä, awtoulag sürüjilerine aýlanyp geçmegiň ýa-da dyknyşyklarda durmagyň deregine, ýol işleriniň gidýän ýeriniň göni ýokarsyndan geçmäge mümkinçilik berýär.***

Все права защищены